Telefon

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Telefon TELEFON

1.

Telefonyma geldi til.
—Til kakýan kim?
—Pil.
—Kimiňkiden?
—Ineriňkiden.
—Size gerekmi bir zat?
—Hawa, şokolad.
—Özüňemi ýa çagaňa?
—Maňa däl-le, balama.
—Näçe kilo, näçe halta?
—Bäş-on put, ýa-da alty.

2.

Soňra krokodil jaň edip,
Gözlerinden ýaşlar döküp:
—Köp garaşdym galoşyňa.
Iberäýiň-dä basymjak!
Özüme we aýalyma
Hem bir jübüt Totoşyma.

—Hany, dur-la, geçen hepde
Täp-täzeje galoşlardan
Ugradypdym bir petde.
Galmadymy, hiý şolardan!?
—Wah, olaryň birin goýman
Iýip dyndyk, gardaşjan.
Agşam ýa-da şu gün öýlän,
Galoşlarňa garaşýan!

3.

Jaň etdiler, ellik küýsäp,
Towşanjyklar eli üşäp.

Jaň etdiler alty gezek–
Maýmynlara kitap gerek.

4.

Soň til kakdy goňur aýy
Ýaňlandyryp gür tokaýy:
“Orrr, ar-arrr” diýip, arlaýar,
Düşnüksiz dilde gürleýär.
–Aýy dost, birneme köşeş!
Hem-de, arlamaňy bes et!
Düşnükli aýt. Näme gerek?
Wagtymy alýaň biderek”.
Ol bolsa diňe: “Mu, mu, mu”.
–Näme diýýäň, düşünemok,
Hany, goý telefonyňy!

5.

Soň hokgarlar til kakýar yzyny üzmän:
“Ugradaýyň, çaltrak, içagyry derman!

Gurbaga ýuwdup aşa düşdük barymyz,
Indi bolsa sanjylaýar garnymyz”.

6.

Birsalymdan “horlap” doňuz jaň edýär:
–Bilbil bilen aýdym aýdasym gelýär!

–Wah arman, doňuz jan, seň sesiň zorra…
Bilbiliň ýerine baraýsyn garga?!

7.

Ýene goňur aýy jaň edýär haşlap:

—Halas edieweriň suwpişigi!
Ýuwdupdyr ol deňiz kirpisini.

8.

Uzakly gün: jyň-jyň,
Diň-diň,
Zyň-zyryň, jyň-jyryň,
Ýa düwlen jaň edýär, ýa jeren.

Ýaňy-ýakyn iki keýik:
Şahlaryny keykeridip:
—Hiňňillikler ýanypmyşyn,
gara köýük bolupmyşyn.
Şol “myş-myşyň”
Ýalan ýa çyn
Bilmek üçin haýdap geldik.

—Ah, keýikler, bolşuňyz nä?!
Sallançagam, hiňňildigem,
Hemmejigem dur abatja.
Görmän, diýäýýäňiz sizem.

Geljek hepde baryp, görüň,
Sallançaga münüň,
Hiňňildigi sürüň.
Barybir olar
Hümür-sümür
edip gürrüň:
“Hiňňillikler ýanypmyşyn,
gara köýük bolupmyşyn”.
—Adyňyzdan aýlanaýyn,
badyňyzdan aýlanaýyn!
Aklyňyza aýlanaýyň!

9.

Düýn säher bilen kenguru:
—Moýdodyryň öýümi bu?

—Ýok, Siz ýalňyş til kakdyňyz!!!
Halys, ýürege düşdiňiz!

Ýüz ýigrimi bäş belgili
Telefona jaň ediň indi!

10.

Üç gijedir ýatamok,
Süýji uka batamok.
Men örän argyn.
Dynç alsadym,
Birje gün…
Ýaňy irkildim welin,
Kerk jaň edýär, aljyrap:
—Haý, ýetişeweriň!
—Näm boldy? Aýdyň çaltrak!
—Begemot batypdyr batga,
Kömek ediň garabagta!
— Batga batypdyr begemot!?
—Hawa. Ol çykyp bilenok,
Kömek edäýiň-dä, çaltark!
Ýogsa ýagdaý örän çatak—
ne eýläk süýşýär,
ne beýläk.
Çykarmaly ony süýräp,
Batgada galmanka çüýräp.
—Hany, ýörüň, baralyň,
Begemoty çykaralyň!

11.

Ýöne, welin düşmez ýeňil
Çykaraýmak begemoty,
Tapaýmasak birje emel,
Berer bize müň hupbaty.

Rus dilinden terjime eden Kakajan BALKANOW.
2020 ý.

• Телефон

1.

У меня зазвонил телефон.
— Кто говорит?
— Слон.
— Откуда?
— От верблюда.
— Что вам надо?
— Шоколада.
— Для кого?
— Для сына моего.
— А много ли прислать?
— Да пудов этак пять
Или шесть:
Больше ему не съесть,
Он у меня еще маленький!

2.

А потом позвонил
Крокодил
И со слезами просил:
— Мой милый, хороший,
Пришли мне калоши,
И мне, и жене, и Тотоше.

— Постой, не тебе ли
На прошлой неделе
Я выслал две пары
Отличных калош?
— Ах, те, что ты выслал
На прошлой неделе,
Мы давно уже съели
И ждем, не дождемся,
Когда же ты снова пришлешь
К нашему ужину

Дюжину
Новых и сладких калош!

3.

А потом позвонили зайчатки:
— Нельзя ли прислать перчатки?

А потом позвонили мартышки:
— Пришлите, пожалуйста, книжки!

4.

А потом позвонил медведь
Да как начал, как начал реветь.

— Погодите, медведь, не ревите,
Объясните, чего вы хотите?

Но он только «му» да «му»,
А к чему, почему —
Не пойму!

— Повесьте, пожалуйста, трубку!

5.

А потом позвонили цапли:
— Пришлите, пожалуйста, капли:

Мы лягушками нынче объелись,
И у нас животы разболелись!

6.

А потом позвонила свинья:
— Пришлите ко мне соловья.
Мы сегодня вдвоём
С соловьем
Чудесную песню
Споём.

— Нет, нет! Соловей
Не поёт для свиней!
Позови-ка ты лучше ворону!

7.

И снова медведь:
— О, спасите моржа!
Вчера проглотил он морского ежа!

8.

И такая дребедень
Целый день:
Динь-ди-лень,
Динь-ди-лень,
Динь-ди-лень!
То тюлень позвонит, то олень.

А недавно две газели
Позвонили и запели:
— Неужели
В самом деле
Все сгорели
Карусели?

— Ах, в уме ли вы, газели?
Не сгорели карусели,
И качели уцелели!
Вы б, газели, не галдели,
А на будущей неделе
Прискакали бы и сели
На качели-карусели!

Но не слушали газели
И по-прежнему галдели:
— Неужели
В самом деле
Все качели

Погорели?
Что за глупые газели!

9.

А вчера поутру
Кенгуру:
— Не это ли квартира
Мойдодыра? —
Я рассердился, да как заору:
— Нет! Это чужая квартира!!!
— А где Мойдодыр?
— Не могу вам сказать…
Позвоните по номеру
Сто двадцать пять.

10.

Я три ночи не спал,
Я устал.
Мне бы заснуть,
Отдохнуть…
Но только я лег —
Звонок!
— Кто говорит?
— Носорог.
— Что такое?
— Беда! Беда!
Бегите скорее сюда!
— В чем дело?
— Спасите!
— Кого?
— Бегемота!
Наш бегемот провалился в болото…
— Провалился в болото?
— Да!
И ни туда, ни сюда!
О, если вы не придете —

Он утонет, утонет в болоте,
Умрет, пропадет
Бегемот!!!

— Ладно! Бегу! Бегу!
Если могу, помогу!

11.

Ох, нелегкая это работа —
Из болота тащить бегемота! Çagalar edebiýaty